# Pul we kapital

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Pul we kapital PUL we KAPITAL



*Kapitalizm, Tramp we Mask bir surata sygyşanda, hiç bir çarçuwanyñ çägine sygmaýan fotosuraty emele getirýär*
*Illýustrasiýa: FT montage*

ABŞ tüweleýleriñ ýurdy. Bularyñ iñ meşhury, gazaplysy we iñ köp gaýtalanýany Florida ştatyny aldym-berdime salýan tüweleýlerdir.

Florida güneşiñ çogunyñ, pyrtykallaryñ we geljekki döwür gubernatorynyñ ştatydyr. Geljekki döwrüñ gubernatory 46 gubernatordan hiç birine meñzemeýän syýasy tüweleýdir.

Dünýäniñ dört ýylyny hiç zady piñine alman saga-sola kükräp geçiren Donald Tramp atly tüweleý bilen geçirmäge öwrenişmeli bolar.

Taryhdaky dünýäniñ iñ möhüm Goranmak ministrliginiñ başyna

geçmegi üçin jedelli programma alypbaryjjysyny Goranmak ministri wezipesine saýlady.
Býužeti 1,7 trillion dollar bolan Saglygy goraýyş ministrligine sanjymyň täsirliligini derňemegi bilen at gazanan Robert Jr Kennedini saýlady.
Jynsy zorlama bilen aýyplanan adamy Adalat ministrligine kandidat görkezdi.
Hemmesiniň umumy bähhidi Donald Trampa we Ysraýyla bolan absolýut baglylyklary.
Bular ýaly ünsi özüne çekip bilen başga hökümet ýok.
Her gün iki erkek we bir aýal gazetlerde birinji fotosuratda we baş sahypada ýer almak üçin ýaryşýar: Prezident, ministri Ilon Mask we Ak Tamyň press-sekretarşasy.
Bu üçüsi gürrüňsiz kosmosda ýa-da dünýäde iň populýar gündelik talk-şow bilen çykyş ederler.
Kosmos diýdik, çünki Ilon Mask programmalarynyň köpüsini orbitada geçirer, sebäp bu dünýä indi oňa dar bolýar.
Haçanda agzyndan bir söz gaçsa ýa-da bir zat satyn alsa, dünýäniň walýuta bazarlary sarsgyna düşýär, kiselerinden altyn ýükli otlular, uçarlar, at arabalary dökülýär.
Nähili hyýalyňyza getirseňiz getiriň, hyýallaryňam indi manysy ýok.
«Walt Disney» kinostudiýasynyň animatorlary işsiz we aç galmaly bolar.
Eger Maýk Taýson göz öňüne tutulmaýan bolsa, «agramy altyna barabar» bu söz gepleşikden aýryldy.
Maskyň agramyna barabar altynyň gymmatynda.
Baý bilen garybyň arasyndaky uçurymyň barha daralýan, ýöne baý bilen baýyň arasyndaky taoawudyň indi birinji belginiň, adynyň, derejesiniň galmadyk dünýäsinde ýaşaýarys.
Kapitalizm, Tramp we Mask bir surata sygyşanda, hiç bir çarçuwanyň çägine sygmaýan fotosuraty emele getirýär.
Birinjisi, 5 milliard dollarluk baýlygy bilen Ak Tama giren iň baý prezident. Ol şol bir wagtyň özünde şahsyýetiňe dil ýetirme dawasynda bir gazetden 10 milliard dollar jerime tölegini talap eden adam ýa-da prezident.
Kampaniýasyna haýyr-sahawat kömegini eden baýlaryň (elbetde

Floridada) ortaça bahasy 300 million dollardan has köp bolup biläýjek, ýöne şondan az bolmadyk jaýlary bar.
Saýlaw kampaniýalary üçin sowulan pullar akla-huşa sygmaýar. Soňky kampaniýanyň çykdajysy 5,7 milliard dollar boldy.
Bu näçä düşýänem bolsa, häkimiýeti satyn almaga synanyşan uzak möhletleýin ýaryş.
Trampyň bir günde jemlän iň köp puly 50 million dollara ýetdi. Şol gün onuň Bruklin sudunda günäli bilnen günüdi.
XIX asyryň iň möhüm faktory – aýaly çagalaryny doýurmak üçin aşhanasynyň gap-gajyny, pyçak-dürtgüjini satmaga mejbur bolan Karl Marksyň «Kapital» kitabydy. Trampyň kampaniýasynyň iň uly sponsorynyň biriniň baýlygyny bolsa bir supermarketiň müşderileriniň nobaty düzýär.

Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Anna, 07.12.2024 ý. Publisistika